# Aldawçylara ultimatum

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Aldawçylara ultimatum ALDAWÇYLARA ULTIMATUM

Gardaş ogly, galan bolmaz jahanda,
Ne Balkan, ne Lebap, Şabat, Ahalda…
Karun bolup gazananyň ne hebes,
Ne hebesdir ýuwdarha deý dahanyň.

Ne hebesdir kalba salan aldawyň,
Aldawyňda ýanýar dowzah alawyň.
Mollamysyň, müftümisiň, eý, oglan,
Çekeweri ýalançylyk jylawyň.

“Utan” diýsem, utanmarsyň, elbetde,
Çünki häzir ýüzüp ýörsüň şerbetde.
Eý, harsydünýäler, eý, aldawçylar,
Ahyrsoňy kysmatyňyz erbetde…

18.03.2023. Goşgular